
Gadyr gijesiniň fazileti we ähmiýeti.



Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede, ähli-beýtine we ashabyna salat we salam bolsun.

Sorag: Gadyr gijesiniň fazileti we gadyr gijesine degişli aýatlar barada aýdyp bermegiňizi haýyşt edýärin?

Jogap: Allah Tagala gadyr gijesiniň mertebesini beýgeltdi we ony gadyr gijesi diýip atlandyrdy. Ajalyň, ryzkyň we ýyl içinde bolup geşjek, ilähi işler bu gijede takdyr edilýänligi üçin hem bu gijä, gadyr gijesi diýilendir.

Allah Tagala bu barada şeýle diýýär: **“Ol gije ähli hikmetli işe, höküm beriler.”** (Duhan 44/4)

Gadyr gijesiniň Allah Tagalanyň ýanyndaky derejesi we gadyr-gymmaty uly bolanlygy üçin hem gadyr diýlip, atlandyrylandygy aýdylýar. Allah Tagala bu gijäni mübärek gije diýip, atlandyrdy: **“Biz ony (Kurany) mübärek gijede indirdik....”** (Duhan 44/ 3)

Allah Tagala bu gijäniň mertebesini şu aýaty bilen beýgeltdi: **“(Eý Muhammed sallallahu aleýhi we sellem), gadyr gijesiniň nämedigini sen nirden bilersiň? Gadyr gijesi müň aýdan haýyrlydyr.”** (Kadr 97/2-3)

Gadyr gijesinde edilen ybadat, içinde gadyr gijesi bolmaýan müň aýlyk ybadata deňdir. Müň aý, seksen üç ýyldan gowrak wagta gabat gelýär. Bu bolsa, gadyr gijesiniň üstünligine ýşarat edýändir. Şonuň üçin Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bu gijä gabat geljek bolup, Ramazan gijelerini ybadat bilen geçirerdi we bu barada şeýle diýdi: **“Kim iman edip we sogabyny Allahdan garaşyp gadyr gijesini ihýa etse, (ýagny zikir, doga-dileg, ybadat bilen geçirse), Allah onuň geçmiş günäleri bagyşlar.”** (Ibn Mäje we başgalar)

Allah Tagala bu gijede perişdeleriň we Ruhyň (Jebraýlyň) inýändigini habar berýär. Bu bolsa ýene bir gezek onuň derejesiniň beýikligini we ähmiýetini görkezer. Çünki perişdeler diňe ähmiýetli we uly işler üçin inerler.

Soňra Allah Tagala ol gijäni şeýle wasp etdi: **“Ol gije dañ atýança aman-esenlikdir.”** (Kadr 97/ 5)

Ony “seläm” aman-esenlik diýip, wasyplandyrdy. Bu wasyplandyrma hem onuň mertebesine, haýryna we bereketine ýşarat edýär. Bu gijäniň haýryndan we bereketinden mahrum galan kişi uly haýyrdan mahrum boldugy bolar.

Bu aýdylanlar bu mübärek gijäniň faziletidir. Emma Allah Tagala bu gijäni musulmanlar bütin Ramazan aýy boýunça gözlesinler we köp ybadat etsinler diýip, öz hikmeti bilen Ramazan aýynyň gijelerinde gizländir. (Şonuň üçin hem musulmanlar bu gijäniň faziletini ýitirmejek bolup) galan gijelerinde köp ybadat ederler we gadyr gijesiniň faziletine, sogabyna gowuşarlar. Şeýdip iki haýry bir gezekde gazanarlar. Bu hem Allah Tagalanyň bendelerine nesip eden lutfudyr.

Gysgaça bu gije beýik we mübärek gijedir. Allah Tagalanyň Ramazan aýynda musulmanlara bagyş eden nygmatydyr. Haçanda musulmanlar bu gijäniň gadryny bilip, bu gijede erjel bolsalar, uly sogaplary we başgada mätäç bolan köp haýyrlary gazanarlar.

Şeýh Salih bin Fewzan, Fetawa Nurun ale'd-Derb, sahypa 76-77

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede, ähli-beýtine we ashabyna salat we salam bolsun.